# Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda gepleşikler geçirildi

Paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we ýurdumyza resmi sapar bilen gelen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda gepleşikler geçirildi.

Günüň ikinji ýarymynda dostlukly ýurduň Lideri motosikletçileriň hormat nyzamynyň ugratmagynda Türkmenistanyň Prezidentiniň “Oguz han” köşkler toplumyna tarap ugraýar. Toplumyň merkezi girelgesiniň öňünde Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mähirli garşylady.

Döwlet Baştutanlary köşgüň içine girip, Türkmenistanyň we Gazagystan Respublikasynyň resmi wekiliýetleriniň agzalary bilen tanyşýarlar. Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kasym-Žomart Tokaýewi “Rowaç” zalyna çagyrýar. Bu ýerde ýokary derejedäki ikiçäk gepleşikler geçirildi.

Döwlet Baştutanymyz gazagystanly kärdeşine Türkmenistana resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi, şeýle hem ertir geçiriljek beýik türkmen şahyry, Gündogaryň akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan halkara foruma gatnaşýandygy, ikitaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşýan şahsy goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bu duşuşyk biziň ýurtlarymyzyň ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň şu ýylda eýýäm bäşinji duşuşygydyr. Şeýle duşuşyklaryň yzygiderli geçirilmegi Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ýokary derejededigine, ony mundan beýläk-de berkitmäge we giňeltmäge iki tarapyň hem gyzyklanma bildirýändigine aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurtlarymyzyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk ähli ugurlar boýunça depginli, gyşarnyksyz we anyk maksada gönükdirilip alnyp barylýar. Ony ösdürmek hem-de giňeltmek bilen, biz türkmen we gazak halklarynyň dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak däpleriniň çuňňur taryhy köklerine daýanýarys. Häzirki döwürdäki halkara syýasatyň esasy meseleleri boýunça iki döwletiň garaýyşlarynyň ýakynlygyna, hyzmatdaşlygyň berk hukuk binýadyna, iki ýurduň hem kuwwatly ykdysady mümkinçiliklerine esaslanýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyna berk we üýtgewsiz goldaw berýändigi, BMG-niň, beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerinde türkmen tarapynyň öňe sürýän halkara başlangyçlaryna, garaýyşlaryna we tekliplerine ýardam berýändigi üçin gazak tarapyna minnetdarlyk bildirdi. Şunuň bilen birlikde, dünýäniň ykdysady giňişligine üstünlikli goşulyşmak, häzirki zaman tehnologik ösüşi üçin şertleri

Все права защищены

döretmek, medeni gatnaşyklary giňeltmek maksady bilen, ýurtlarymyzyň ykdysady we serişde mümkinçiliklerini ulanmak üçin uly tagallalar edilýär.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Gazagystan bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de berkitmegi pugta maksat edinýändigini, syýasy, ykdysady, ynsanperwer ulgamlarda bilelikdäki işleri dowam etdirmäge taýýardygyny nygtap, şu gün geçiriljek gepleşikleriň türkmen-gazak hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmakda uly mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Aşgabada gelmäge çakylygy hem-de mähirli garşylandygy üçin hoşallyk bildirip, Gazagystan üçin Türkmenistanyň örän ýakyn ýurtdugyny we strategik hyzmatdaşdygyny nygtady. Gazagystanyň Lideri ýokary derejede geçirilýän yzygiderli duşuşyklaryň möhümdigini belledi. Bu duşuşyklar köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat edýär. Gazagystan energetika, ulag, logistika, medeni-ynsanperwer ulgamlarda, beýleki ugurlarda Türkmenistanyň ygtybarly hyzmatdaşy bolupdy we şeýle bolmagynda-da galýar diýip, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew aýtdy. Şunda döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmakda hem-de ösdürmekde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň şahsy hyzmatlary aýratyn bellenildi.

Biz Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna uly sarpa goýýarys diýip, gazak Lideri ýurdumyzyň sebit hem ähliumumy howpsuzlygy üpjün etmekdäki saldamly goşandyna ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, goňşy ýurduň özara ysnyşykly gatnaşyklara, ilkinji nobatda, BMG-niň we beýleki halkara guramalaryň çäklerindäki hyzmatdaşlyga taýýardygy tassyklanyldy.

Ynanyşmak we netijeli ýagdaýda geçen gepleşikleriň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Prezident Kasym-Žomart Tokaýew ozal gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek we geljegi uly meýilnamalar bilen baglylykda, türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň giň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Taraplar sebit we ähliumumy gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleriň birnäçesi boýunça-da pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler “Soltan Sanjar” zalynda iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiz Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi we Gazagystan Respublikasynyň wekiliýetiniň agzalaryny mähirli mübärekläp, dostlukly ýurduň Lideriniň şu resmi saparynyň

Все права защищены

ýurtlarymyzyň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny hem-de ysnyşykly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge, gatnaşyklaryň täze, geljegi uly ugurlaryna çykmaga hyzmat etjekdigini belledi.

Türkmenistanyň we Gazagystanyň halklarynyň gatnaşyklarynyň taryhy ýüzýyllyklara uzaýar. Hakyky doganlyk hyzmatdaşlygy kemala geldi. Iki döwleti we halky diňe bir geografik taýdan ýerleşiş däl, eýsem, taryhy ykballarynyň aýrylmazlygy, biri-birine zerurdygy baradaky düşünjeler hem birleşdirýär. Biz bu umumy gymmatlyklaryň gadyryny bilýäris, ata-babalarymyzdan miras galan, ýokary ahlak kadalary baradaky garaýyşlarymyzyň esasyny düzýän däplere aýawly garaýarys hem-de olary hormatlaýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Şu ýyl görnükli şahsyýetleriň — türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň Gazagystanyň paýtagty Astanada, gazak şahyry, filosofy hem-de magaryfçysy Abaý Kunanbaýewiň Aşgabatda ýadygärlikleriniň açylmagy türkmen we gazak halklarynyň dost-doganlygynyň aýdyň nyşany boldy. Bu dabaraly çärelere türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşandygy aýratyn bellärliklidir.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, özara ynanyşmagyň we düşünişmegiň häzirki derejesi biziň ýurtlarymyza geljek üçin öz gatnaşyklaryny ynamly ýola goýmaga, halkara syýasatyň esasy meseleleri boýunça garaýyşlaryny ylalaşmaga mümkinçilik berýär, ykdysadyýetde, söwdada, maýa goýum işinde, medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk etmegiň uzak möhletli meýilnamalaryny düzmäge şert döredýär. Türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň many-mazmuny ählumumy ösüşiň ugurlaryna özara doly düşünmek bilen şertlenendir. Türkmenistan halkara işlerde Gazagystan bilen bilelikde deňhukuklylyk we adalatlylyk, BMG-niň esas goýujy resminamalaryna berk eýermek ugrunda çykyş edýär.

Halkara parahatçylygy, durnuklylygy goramak, ählumumy töwekgelçiliklere hem-de howplara garşy göreşmek, durnukly ösüşi üpjün etmek, ynsanperwer meseleleri çözmek maksady bilen, häzirki döwürde biz ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn derejede mundan beýläk-de netijeli hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygymyzy tassyklaýarys diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Döwletara syýasy dialogda abraýly halkara we sebit düzümleriniň çäklerinde ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmegiň möhüm ähmiýeti bardyr. Esasy halkara meseleler boýunça garaýyşlaryň meňzeşdigini göz öňünde tutup, Türkmenistan we Gazagystan dünýäde alyp barýan işlerini utgaşdyrýarlar, birek-biregi goldaýarlar. Munuň özi diňe sebitimizde däl-de, onuň çäklerinden daşarda hem hakyky netijeleri gazanmaga we emele gelen ýagdaýlara

Все права защищены

oňyn täsirini ýetirýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Gazagystanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň biziň ýurdumyz tarapyndan öňe sürlen 25 sany Kararnamasynyň awtordaşy bolup çykyş edendigini belledi. Öz gezeginde, Türkmenistan hem Gazagystanyň halkara tagallalaryna uly ähmiýet berip, netijeli garaýyşlaryny we tekliplerini yzygiderli goldaýar.

Sebit durnuklylygyny we howpsuzlygyny berkitmek häzirki döwürde aýratyn ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz bu meselä ýurtlarymyzyň garaýyşlarynyň üýtgewsizdigini hem-de yzygiderlidigini belledi. Türkmenistan bilen Gazagystan Merkezi Aziýanyň we serhetdeş sebitleriň parahatçylykly ösüşini üpjün edýän berk hem-de netijeli usullaryň döredilmegi ugrunda çykyş edýärler.

Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklary sebit hyzmatdaşlygynyň netijeli, hoşniýetli goňşuçylyk häsiýetiniň aýgytly şertleriniň biridir. Onuň şu ýylyň awgustynda Astanada geçirilen nobatdaky mejlisi bäştaraplaýyn hyzmatdaşlykda möhüm waka boldy. Sebitiň ýurtlarynyň birek-biregiň bähbitlerini hasaba almak bilen, iň çylşyrymly meselelere-de öz garaýyşlaryny beýan etmäge we olary bilelikde çözmäge taýýardyklaryny görkezdi diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Owganystandaky ýagdaý biziň gepleşiklerimiziň aýratyn meselesi bolup durýar. Biz owgan meselesinde halkara bileleşigiň, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylyk döredijі mümkinçiligini has işjeň we giňden ulanylmaly diýip hasap edýäris. Türkmenistan bilen Gazagystanyň owgan ugry boýunça hyzmatdaşlygy Owganystanda asudalygy, durnuklylygy, bu ýurduň ykdysadyýetini hem-de durmuş ulgamyny dikeltmekde örän peýdaly bolmalydyr. Bu ýurt sebitiň we dünýäniň hojalyk gatnaşyklary ulgamyna giňden çekilmelidir diýip hasaplaýarys. Şu maksat bilen, syýasy dialogy, şol sanda ony owgan meselesi boýunça alyp barmak üçin daşary syýasat edaralarynyň arasynda yzygiderli gatnaşyklary dowam etdirmek zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerinden başga-da, biz howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine garşy göreşmek, Merkezi Aziýa sebitiniň suw serişdelerini aýawly we rejeli peýdalanmak, Aral meselesini çözmek ýaly möhüm ugurlar boýunça tagallalary mundan beýläk-de utgaşdyrarys. Şu meselede Gazagystanyň Araly halas etmegiň halkara gaznasynda netijeli başlyklyk edýändigini aýratyn bellemek isleýärin diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Gazagystan Hazar deňzi boýunça hem Türkmenistanyň goňşusydyr. Biziň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşdäki hyzmatdaşlygymyz Hazary parahatçylygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň, ylalaşyklylygyň, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň deňzine öwürmegiň örän

Все права защищены

möhüm şerti bolup durýar. Bu ugurda soňky ýyllarda köp iş edildi. Strategik maksada ýetildi — 2018-nji ýylda Aktau şäherinde Hazar deňziniň hukuk derejesi hakynda Konwensiýa gol çekildi. 2022-nji ýylyň tomsunda Hazarýaka döwletleriň Aşgabatda geçirilen VI sammitinde biz bäştaraplaýyn Hazar gatnaşyklarynyň we hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny jikme-jik ara alyp maslahatlaşdyk. Olary bilelikde durmuşa geçirmäge taýýardygymyzy beýan etdik. Şu gün bu taýýarlygymyzy tassyklap, Hazar sebitinde ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, deňziň biodürlüligini gorap saklamak we suwunyň çekilmegine garşy göreşmek ýaly möhüm meseleleri çözmek boýunça zerur işleri alyp barýarys diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar barada aýdylanda, Gazagystan Respublikasy bu ulgamda ýurdumyzyň köp ýyllardan bäri ygtybarly hyzmatdaşy bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz dürli pudaklarda hyzmatdaşlygyň ýetilen derejesine, Hökümet hem-de dolandyryş edaralary boýunça toplanan tejribä ýokary baha berdi. Umuman, bu ugurdaky hyzmatdaşlygymyz hil taýdan gowulanyp, yzygiderli ösýär. Şunuň bilen birlikde, iki tarapyň mümkinçiliklerini has netijeli peýdalanmak üçin şertleriň köpdügi aýdyldy. Türkmenistan energetika pudagynda hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi we giňeltmegi zerur hasaplaýar. Biziň umumy işimizde eýýäm amala aşyrylan iri energetika taslamasy bolan Türkmenistan — Özbegistan — Gazagystan — Hytaý gaz geçirijisini bellemek bolar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň gazagystanly hyzmatdaşlar bilen bilelikde energiýa serişdelerini ibermegi we üstaşyr geçirmegi düýpli artdyrmagyň mümkinçiliklerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Iki iri energetika döwletleri bolan Türkmenistan bilen Gazagystan yklymda energetika hyzmatdaşlygyna, energetika durnuklylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmäge düýpli hem-de oňyn täsir edip biler. Şunuň bilen baglylykda, gaz we elektrik energiýasy pudaklarynda bilelikde işlemek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny görýäris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Ulag-logistika hem hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarydyr. Biz Gündogar — Günbatar hem-de Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça üstaşyr ulag geçelgelerini emele getirmekde Türkmenistan bilen Gazagystanyň giň mümkinçilikleriniň bardygyndan ugur alýarys. Merkezi Aziýanyň çäklerinden esasy yklymüsti geçirijileri çekmegiň zerurdygy baradaky başlangyç bilen doly ylalaşýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Pars aýlagyndaky we Hind ummanyndaky deňiz portlaryna çykmak bilen, Hazar deňziniň gündogar kenarynyň ugry boýunça ulag geçelgesini döretmäge hem-de onuň doly işlemegine Türkmenistanyň we Gazagystanyň gatnaşmagyna aýratyn ähmiýet berýäris. Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoly boýunça daşalýan ýükleriň möçberini has-da artdyrmagyň, Hazar deňzindäki Türkmenbaşy, Aktau we Kuryk portlarynyň üstünden multimodal ulag gatnawlarynyň mümkinçiliklerini bellemek isleýäris diýip, hormatly

Все права защищены

Prezidentimiz sözüni dowam etdi.

Iki ýurduň awtomobil ýollarynyň, hususan-da, türkmen bölegi ýakyn geljekde döwrebaplaşdyrylyp başlanjak Türkmenbaşy — Garabogaz — Temirbaba — Aktau awtomobil ýolunyň uly mümkinçiligi bar.

Biziň ýurtlarymyzyň işjeň hyzmatdaşlyk edip biljek beýleki ugurlarynyň arasynda agrosenagat toplumyny, himiýa senagatyny, maşyn gurluşygyny, dokma önümçiligini we birnäçe beýleki pudaklary görkezip bileris diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. Hormatly Prezidentimiz türkmen-gazak serhetýaka söwda zolaklaryny döretmegiň hem ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmekde, şol sanda oba hojalyk we durmuş tehnikalaryny, azyk harytlaryny, gurluşyk serişdelerini, şonuň ýaly-da, nebit himiýasynyň önümlerini özara ibermegi giňeltmekde möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Biziň ýurtlarymyzyň işewürler bileleşikleriniň arasynda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin düýpli mümkinçilikleriň bardygyny bellemek isleýärin.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen we gazak kompaniýalaryny iki ýurduň çäklerinde amala aşyrylýan bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga gatnaşmak üçin çekmäge döwlet ýardamyny bermäge taýýardyrys diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Yzygiderli ösdürilýän we giňeldilýän medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk Gazagystan bilen gatnaşyklarymyzyň örän möhüm ugry bolup durýar.

Soňky ýyllarda bu gatnaşyklar has-da işjeňleşip, dürli bilelikdäki çäreler geçirilýär. Şu ýylyň iýunynda Astanada Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirildi. Siziň saparyňyzyň öň ýanynda bolsa Aşgabatda Türkmenistanyň ýaşaýjylarynda örän uly gyzyklanma döreden Gazagystanyň Medeniýet günleri guraldy diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Ylym ulgamy boýunça hyzmatdaşlyk etmäge has uly üns bermek, iki ýurt üçin wajyp ugurlarda bilelikdäki ylmy barlaglary ýola goýmak zerurdyr. Şoňa görä-de, bu ugurda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk boýunça resminamalary taýýarlamaga girişmek teklip edilýär. Döwlet Baştutanymyz ylym-bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň möhümdigini bellemek bilen, häzirki wagtda Gazagystanyň ýokary okuw mekdeplerinde türkmen talyplarynyň 2,5 müňe golaýynyň bilim alýandygyny aýtdy. Türkmenistan ýaş hünärmenleri taýýarlamakda berýän kömegi üçin gazagystanly hyzmatdaşlara minnetdardyr.

Biziň bilelikdäki tagallalarymyz netijesinde Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky

Все права защищены

gatnaşyklar depginli ösýär. Türkmen we gazak halklaryny diňe bir taryhy taýdan doganlyk, köpasyrlyk hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, gelip çykyşynyň, diliniň, dininiň we medeni-ahlak sütünleriniň umumylygy birleşdirmek bilen çäklenmeýär. Häzirki döwürde biz gatnaşyklarymyzy pugtalandyrmagyň zerurdygyna anyk düşünýändigimize, dünýä syýasatynyň esasy ugurlarynda uzak möhletli bähbitlerimiziň laýyk gelýändigine, ykdysadyýetde we ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlyk etmegiň ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyna düşünýändigimize daýanýarys diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ähli meseleleri boýunça umumy ylalaşyga gelýändigimiz, Gazagystan tarapynyň hyzmatdaşlyk etmäge düşünmek bilen garaýandygy we taýýardygy begendirýär diýip, döwlet Baştutanymyz şu günki duşuşygyň iki döwletiň özara gatnaşyklary giňeltmek üçin mundan beýläk-de ähli zerur tagallalary etjekdigini tassyklandygyny belledi. Muny gol çekmek üçin taýýarlanan resminamalaryň toplumy hem tassyklaýar. Döwlet Baştutanymyz netijeli iş alyp barandygy, strategik hyzmatdaşlyk meselelerine gyzyklanma bildirip, olary jikme-jik ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe we Gazagystanyň wekiliýetiniň ähli agzalaryna minnetdarlyk bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentine söz berilýär.

Belent mertebeli myhman Türkmenistana gelmek baradaky çakylygy we myhmansöýerlik üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirip, biziň ýurdumyza saparyna uly ähmiýet berýändigini nygtady. Bu waka umumy maksada ýetmekde, köpugurly döwletara gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmakda möhüm ädim bolup durýar. Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň belleýşi ýaly, Gazagystan bilen Türkmenistan köpasyrlyk dostluga, hoşniýetli goňşuçylyga, bitewi medeni we taryhy gymmatlyga daýanyp, berk hem-de sazlaşykly gatnaşyklary ýola goýdular. Şol gatnaşyklar strategik hyzmatdaşlyk esasynda yzygiderli ösdürilýär.

Ýurtlarymyzyň arasynda ähli derejede işjeň we netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy, Hökümetleriň ugry boýunça sazlaşykly iş alnyp barylýar, pudagara gatnaşyklar berkidilýär. Köptaraplaýyn düzümleriň we mehanizmleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk etmek bilen, taraplar sebit we halkara gün tertibiniň köp meseleleri boýunça ýagdaýlaryň ösüşine garaýyşlarynyň meňzeşdigini görkezýärler. Gazagystanyň Baştutany sözüni dowam edip, şu gün ikiçäk gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylandygyny, geljek üçin onuň esasy ugurlarynyň kesgitlenendigini nygtady. Prezidentleriň tabşyrygy boýunça iki döwletiň Hökümetleri hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek meseleleriniň üstünde işleýärler.

Söwda-ykdysady gatnaşyklar barada aýdylanda, bu babatda soňky ýyllarda uly ösüş gazanyldy diýip, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew aýtdy. Özara haryt dolanyşygynyň

Все права защищены

möçberini artdyrmak üçin oňat mümkinçilikler bar. Senagat, ulag, logistika we beýleki ulgamlarda birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Energetika ulgamynda, hususan-da, gaz pudagynda gatnaşyklar okgunly ösdürilýär. Hökümetara toparyň çäklerinde yzygiderli geçirilýän duşuşyklar hem-de işewürler geňeşiniň netijeli işi muňa ýardam edýär. Hökümetara toparyň nobatdaky mejlisi geçen hepdede geçirildi. Şunuň bilen birlikde, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk yzygiderli berkidilýär. Gazagystanyň we Türkmenistanyň özara Medeniýet günleri üstünlikli geçirildi. Iki halkyň umumy ruhy-medeni gymmatlyklarynyň genji-hazynasyny has-da baýlaşdyran ajaýyp şahsyýetleriň ýadygärlikleri açyldy.

Belent mertebeli myhmanyň belleýşi ýaly, şu gün Aşgabatda gazak edebiýatynyň nusgawy şahyry Abaýyň ýadygärligi açyldy. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew hormatly Prezidentimize gazak halkynyň medeni mirasyny goldaýandygy, şeýle hem özüne Türkmenistanyň “Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna” atly ýubileý medalynyň gowşurylandygy üçin hoşallyk bildirdi. Pursatdan peýdalanyp, Gazagystanyň Baştutany ähli türkmen halkyny Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen gutlady. Nusgawy şahyryň mirasy dünýä edebiýatynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Gazagystan bilen Türkmenistanyň gatnaşyklaryndaky üstünlikler biziň halklarymyz tarapyndan ruhubelentlik bilen garşylanylýar diýip, belent mertebeli myhman nygtady.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmak boýunça bilelikdäki tagallalaryň tutuş Merkezi Aziýanyň durnukly ösüşini üpjün etmäge mümkinçilik berýändigini belläp, türkmen kärdeşine dostlukly döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşýan ägirt uly goşandy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Sebitara hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, bu ugurdaky göni gatnaşyklaryň ykdysady hyzmatdaşlykda möhüm orun eýeleýändigi bellenildi. Belent mertebeli myhman Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň häkimligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Mangistau oblastynyň akimatynyň arasynda hyzmatdaşlyk babatda gol çekmäge taýýarlanylan Meýilnama ünsi çekip, bu tejribäni beýleki sebitlere hem ýaýratmagyň möhümdigini belledi.

Gazagystan energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň ägirt uly kuwwatyndan netijeli peýdalanmaga taýýardyr. Bu ugurda degişli işler amala aşyrylýar. Şu günki gepleşikleriň netijeleri boýunça gol çekilmegi meýilleşdirilýän resminamalar bu ulgamda özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam eder.

Gazagystan Respublikasynyň Baştutany üstaşyr ulag ulgamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň strategik häsiýetini nygtady. Bu babatda ýük daşamalaryň möçberini artdyrmak üçin ägirt

Все права защищены

uly mümkinçilikler bar. Bellenilişi ýaly, Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesiniň möhüm bölegi bolan Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýolunyň orny häzirki wagtda birnäçe esse artdy. Hyzmatdaşlaryň bu ýoly has işjeň ulanmaga gyzyklanmasy ýokarlanýar. Şeýle hem awtomobil ulaglary arkaly ýük daşamakda netijeli hyzmatdaşlyk üçin uly mümkinçilikler bar. Iki ýurduň arasynda howa ulaglary arkaly ýolagçy gatnawlaryny dikeltmegiň geljegi uly hasaplanýar. Prezident Kasym-Žomart Tokaýew şular barada aýtmak bilen, göz öňünde tutulan meýilnamalaryň ählisiniň ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň döwletara hyzmatdaşlyga uly itergi berjekdigine ynam bildirdi we gazak-türkmen gatnaşyklarynyň strategik häsiýete eýedigini tassyklady.

Belent mertebeli myhman ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklaryň ähmiýetini nygtap, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda gazak jemgyýetçiliginiň Astanada Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň geçirilmegini we Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda beýik türkmen şahyrynyň we akyldarynyň ýadygärliginiň açylmagyny mähirlilik bilen garşylandygyna ünsi çekdi. Şunda Gazagystanyň bu ulgamda, şol sanda bilim ugry boýunça däp bolan hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardygy tassyklanyldy.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň belleýşi ýaly, hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan dünýä bileleşiginde eýeleýän ornuny ep-esli güýçlendirdi we halkara abraýyny pugtalandyrdy. Gazagystanda doganlyk ýurduň durmuş-ykdysady ösüşde gazanan uly üstünliklerine tüýs ýürekden begenýärler. Dostlukly ýurduň Lideri şu gezekki saparynyň hem-de geçirilen gepleşikleriň strategik döwletara hyzmatdaşlyga uly itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, “Seljuk han” zalynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň Iş dolandyryş müdirliginiň «Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň teleradiotoplumy» PHW-de RGP arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; 2025-nji ýyl üçin söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk babatda Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň häkimligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Mangistau oblastynyň akimatynyň arasynda hyzmatdaşlygyň Meýilnamasyna; «Deňiz söwda floty» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen «Aktau deňiz söwda porty» paýdarlar jemgyýetiniň arasynda deňiz ulagy pudagynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama; «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk

Все права защищены

kompaniýasy bilen «Kazpoçta» paýdarlar jemgyýetiniň arasynda halkara poçta ugratmalaryny eltip bermek boýunça Ylalaşyga; «Türkmennebit» döwlet konserni bilen «КазМунайГаз» paýdarlar jemgyýetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama; «Türkmengaz» döwlet konserni bilen «QazaqGaz milli kompaniýasy» paýdarlar jemgyýetiniň arasynda gaz pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Medeniýet we maglumat ministrliginiň arasynda arhiw işi babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti bilen Gazagystan Respublikasynyň Syýahatçylyk we sport ministrliginiň arasynda sport babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Syýahatçylyk we sport ministrliginiň arasynda syýahatçylyk pudagynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Oba hojalyk ministrliginiň arasynda ösümlikleriň karantini we ösümlikleri goramak babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Maliýe bazaryny dolandyrmak we ösdürmek boýunça agentliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda jenaýatçylyga garşy göreşmekde hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Ulag ministrliginiň Raýat awiasiýasy komitetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Sanly ösüş, innowasiýalar we aerokosmiki senagaty ministrliginiň arasynda sanlylaşdyrmak we maglumat tehnologiýasy babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi bilen Gazagystan Respublikasynyň Ulag ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Ýolagçylaryň we ýükleriň halkara awtomobil gatnawlary hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda 1997-nji ýylyň 27-nji fewralyndaky Ylalaşyga üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek barada Teswirnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda ulag, logistika we üstaşyr babatda strategik hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyk; 2025 — 2027-nji ýyllar üçin Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda dostlugy we köptaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça hemmetaraplaýyn Maksatnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda maýa goýumlary özara höweslendirmek we goramak hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

Все права защищены

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda dostlugy pugtalandyrmak we köptaraply strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakynda Jarnama gol çekýärler. Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, iki döwletiň Baştutanlary “Magtymguly” zalyna bardylar we şol ýerde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýokary derejedäki duşuşygyň netijelerini beýan edip, Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan Gazagystan Respublikasynyň Prezidentini hem-de onuň ýanyndaky wekiliýetiň ähli agzalaryny mähirli mübärekläp, ýurdumyza resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin minnetdarlyk bildirdi.

Şu günki duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýy we geljegi, gyzyklanma bildirilýän halkara we sebit syýasatynyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, özara hyzmatdaşlygyň anyk ugurlary kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz gepleşikleriň netijeli we anyk häsiýetini aýratyn belledi. Gepleşikler özara ynanyşmak, açyklyk ýagdaýynda geçdi. Ähli ugurlarda — syýasatda, ykdysadyýetde, medeni-ynsanperwer ulgamda alnyp barylýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki derejesine ýokary baha berildi.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, häzirki döwürde köpugurly türkmen-gazak gatnaşyklary deňhukuklylyk, özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda depginli we yzygiderli ösdürilýär. Gazagystan daşary syýasatda biziň möhüm hyzmatdaşymyzdyr. Biz Merkezi Aziýada we oňa ýanaşyk çäklerde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, hyzmatdaşlygyň netijeli halkara usullaryny ýola goýmak üçin amatly şertleri döretmekde bilelikde işjeň iş alyp barýarys. Şeýle hem ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy saklamak we goldamak, häzirki zamanyň wehimlerine, howplaryna garşy göreşmek ýaly ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça iki ýurduň garaýyşlarynyň umumydygy nygtaldy. Şu günki duşuşyk biziň döwletlerimiziň abraýly halkara we sebit düzümleriniň çäklerinde işjeň hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardygyny tassyklady diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Türkmenistan we Gazagystan Gündogar — Günbatar, Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça üstaşyr ulag geçelgelerini döretmekde, şol sanda Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Pars aýlagynyň we Hind ummanynyň deňiz portlaryna çykmak bilen, ulag gatnawynyň doly derejede hereket etmegini ýola goýmakda ýakyn özara hyzmatdaşlygy we hereketleri utgaşdyrmagy dowam etdirerler. Gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, bu hyzmatdaşlygy

Все права защищены

giňeltmäge we diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge iki tarapyň hem taýýardygy tassyklanyldy. Energetika, ulag, söwda, oba senagat toplumy, himiýa, dokma senagaty we beýleki pudaklar ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezildi. Taraplar medeniýet, ylym, bilim, sport ulgamlarynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýyna we geljegine üns berip, olary mundan beýläk-de giňeltmäge taýýardyklaryny tassykladylar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk ähli ugurlar boýunça gyşarnyksyz ösdüriler. Bu iki döwletiň we halkyň uzak möhletleýin bähbitlerine laýyk gelýär, halkara ýagdaýlaryň oňyn ösüşiniň düýpli şerti bolup durýar. Döwlet Baştutanymyz ikitaraplaýyn gatnaşyklary berkitmekde Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň uly şahsy hyzmatyny, onuň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk meselelerine hemişe üns berýändigini aýratyn belläp, gazagystanly kärdeşine minnetdarlyk bildirdi.

Türkmenistan Gazagystan bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýär. Gazak halky biziň doganlyk halkymyzdyr, ýakyn we hoşniýetli goňşymyzdyr, ygtybarly hyzmatdaşymyzdyr. Bizi hoşniýetli goňşuçylygyň köpasyrlyk däpleri, umumy taryh, medeniýet, dil, ruhy gymmatlyklar baglanyşdyrýar. Biz bu gymmatlyklary aýawly saklaýarys, häzirki döwrüň ruhuna laýyklykda, olary täze many-mazmun bilen baýlaşdyrýarys. Biz Gazagystanyň gazanýan üstünliklerine guwanmak bilen, ýurduň ilerlemegiň we gülläp ösüşiň ýoly bilen ynamly barýandygyna aýdyň göz ýetirýäris diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Gazagystanyň Liderini we dostlukly döwletiň wekiliýetini ýene-de bir gezek Türkmenistanda tüýs ýürekden mübärekläp, dostlukly gazak halkyna parahatçylyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny beýan etdi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew gepleşikleriň netijelerini teswirläp, güneşli Aşgabada gelip görmäge çakylygy hem-de örän mähirli kabul edilendigi üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Türkmenistan gadymy taryha, baý medeni mirasa hem-de asyrlardan gözbaş alýan däp-dessurlara eýe bolan ýurtdur diýip, belent mertebeli myhman aýtdy we her gezek bu sahawatly topraga geleninde, türkmen halkyna mahsus bolan mähirli myhmansöýerligi duýýandygyny belledi.

Häzirki wagtda Prezident Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan kuwwatly we gülläp ösýän döwleti gurmagyň ýolunda täze belentliklere tarap ynamly öňe barýar. Türkmenistan biziň üçin strategik ähmiýetli hyzmatdaş we hoşniýetli goňşy döwletdir. Bu ýurt bilen köpasyrlyk umumy taryha hem-de mizemez dostluk, ynanyşmak we özara hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan sazlaşykly hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Biz bu mizemez binýatda giň ugurlar boýunça okgunly ösdürilýän hakyky uzak

Все права защищены

möhletleýin hyzmatdaşlygy kemala getirýäris diýip, Gazagystan Respublikasynyň Baştutany belledi.

Yzygiderli hem-de ynanyşykly syýasy dialog arkaly söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk çuňlaşdyrylýar, esasy halkara hem-de sebit düzümleriniň çäklerinde ýakyn hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Şunda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň hyzmatlary we ägirt uly şahsy goşandy bardyr diýip, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew aýtdy hem-de döwlet Baştutanymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň köpugurly döwletara gatnaşyklary hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga üýtgewsiz ygrarlydygyna, oňa tüýs ýürekden gyzyklanma bildirýändigine ýokary baha berýändigini belledi. Gazagystanyň Baştutanynyň nygtaýşy ýaly, ol doganlyk Türkmenistana resmi saparyna aýratyn ähmiýet berýär. Ýokary derejedäki gepleşikleriň barşynda taraplar hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek üçin ägirt uly kuwwatyň bardygy baradaky bir pikire geldiler.

Şu gün möhüm resminamalaryň tutuş toplumy kabul edildi, olaryň hatarynda dostluk we köpugurly strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak hakynda Jarnama aýratyn orun eýeleýär. Jarnamada biz doganlyk halklaryň mundan beýläk-de has-da ýakynlaşmagyna, döwletara gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmaga özara gyzyklanmany ýene-de bir gezek tassykladyk diýip, belent mertebeli myhman aýtdy.

Medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmak gepleşikleriň möhüm meseleleriniň biri boldy. Bu ugurdaky gatnaşyklar biziň döwletlerimiziň arasyndaky durnukly we uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň ygtybarly kepilidir. Aşgabatda gazak şahyry hem-de akyldary Abaý Kunanbaýewiň, kompozitor Kurmangazynyň ýadygärlikleriniň açylmagy Gazagystan üçin aýratyn buýsançly wakadyr diýip, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew belledi hem-de munuň üçin Türkmenistanyň ýolbaşçylaryna tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda Gazagystanda Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirildi. Astanada Magtymgulynyň ýadygärligi açyldy. Pursatdan peýdalanyp, belent mertebeli myhman hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa biziň halklarymyz üçin umumy medeni gymmatlyklary goldandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Bellenilişi ýaly, şanly senäniň hormatyna ertir geçiriljek forum ägirt uly ähmiýetli waka öwrüler. Beýik akyldaryň döredijiligi diňe bir türkmen halkynyň milli medeni mirasy bolman, dünýä medeni mirasynyň hem aýrylmaz bölegidir. Şeýle-de Türkmenistanyň Prezidenti bilen bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmäge özara gyzyklanma tassyklanyldy. Taraplar bu möhüm ugurda gatnaşyklaryň geljegine garamak barada ylalaşdylar.

Все права защищены

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew iki döwletiň halkara guramalaryň, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyny aýratyn belledi. Gazagystan Bitarap Türkmenistanyň sebit we halkara howpsuzlygy üpjün etmäge goşýan goşandyna ýokary baha berýär. Prezident Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan öz halkara abraýyny has-da pugtalandyrdy, biz doganlyk Türkmenistanyň dünýä giňişliginde gazanýan üstünliklerine begenýäris diýip, belent mertebeli myhman aýtdy.

Sözüniň ahyrynda Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti geçirilen gepleşikleriň jemlerine kanagatlanma bildirdi we türkmen kärdeşine mähirli myhmansöýerlik üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirdi.

Agşam hormatly Prezidentimiz belent mertebeli myhmanyň hormatyna resmi agşamlyk naharyny berdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň ýurdumyza resmi sapary dowam edýär.

Все права защищены